# Abdyrahymyñ almaz şemşiri we şahyr ýüregi / eserden bölekler

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Abdyrahymyñ almaz şemşiri we şahyr ýüregi / eserden bölekler

ABDYRAHYMYÑ ALMAZ ŞEMŞIRI WE ŞAHYR ÝÜREGI

Gujaratyñ walylygyna bellenensoñ, Rahym Ahmedabatda ýaşap başlady. Bu ýerde ol özüni diýseñ rahat duýdy. Ylaýta-da ol hudaý Şri Krişna ynanýardy. Bu ynanç, Krişnanyñ keşbi kem-kemden onuñ ýüreginde ornaşdy. Ol Krişnany çuññyr wepadarlyk bilen söýdi. Ýöne, öz dininden hem ýüz öwürmeýärdi. Namazyñ daşyndan ol Krişna dininiñ parzynam berjaý edýärdi. Krişnanyñ dinine ýüreginde çuñnur orun berip, ol kän-kän şygyr ýazdy. Onuñ şol şygyrlary ýyldyrym çaltlygynda ýaýraýardy.
Rahymyñ aýaly Mahe banu krişnaparazdy. Mahe banu namazam okaýardy. Krişna bilen Krişnanyñ magşugy Radha-da çokunýardy.
Gujarat diñw Rahymyñ däl, aýaly Mahe banuwyñam hoşuna geldi.
Gujaratyñ hökümdary Rahym bu ýerde hem haýyr-sahawat işini dowam etdirdi. Gije bolsun, gündiz bolsun, onuñ gapysy gedaý-pukaradan, sergezdan-awaralardan ýaña hyñ berýärdi. Olaryñ hiç birem eli boş gaýtmaýardy.
Bir gezek Rahymyñ ýanyna bir garyp gelip:
"Agaýy Han-hanan! Men ömrümde hiç wagt pul diýen zady görmedim" diýdi.
Rahym onuñ diýjek bolan zadyny añyp, öz musahabyna 100.000 rupyýa getirmegi buýurdy. Onça puly gören garyp:
"Allaha şükür! Hökümdaryñ jomartlygy bilen, men ömrümde birinji gezek şeýle köp puly gördüm" diýdi.
Onuñ bu sözlerini eşiden Rahym ýanyndaky kömekçisine:
"Bu rupyýalaryñ hemmesini bu Tañry bendesine ber. Goý, ol ýene-de bir gezek Allaha şükür etsin!" diýip, höküm etdi.

Musahab Han-hananyñ emrini berjaý etdi. 100 müñ rupyýany ol garyba berdi. Garyp görgüli Rahyma ýagşy dileg baryny aýdyp, çykyp gitdi.
Gujaratda ýaşan wagty Rahym bu ýerde ýaşaýan musulman bendeleriniñ mukaddes Mekgä haja gitmek üçin nähili hupbat görýändiklerini gözi bilen gördi. Beýle hupbatdan dynmak üçin Rahym "Rahymy", "Kerimi we Selari" diýen ajaýyp gämileri gurdurdy, ol gämileri Surat benderinden Mekgä tarap öz harajadyna ugratdy.

* * *

Durmuşda ýüze çykýan gaýgy-hasraty Han-hanan Gujaratyñ ilaty bilen hemişe deñ paýlaşýardy. Halk arz-şikaýat bilen Rahymyñ ýanyna hiç hili päsgelçiliksiz gelip bilýärdi. Bir sapar Rahym öz otagynda şygyr ýazyp otyrdy. Ol şygyrlarynda syýasata baş goşmaýardy, akyl satmaýardy. Ol dünýäniñ dürli ahwallaryny gowy bilýärdi, görýärdi, eşidýärdi. Özüniñ bu dünýä düşünişini şygyr setirlerine geçirýärdi. Gysga wagtda setirler hatarlanyp gitdi:

"Öz miwesin iýmez daragt, öz suwun içmez derýa,
Asyl kişi ýygnan genjin garyp-gasara berýä…"

Soñ ýene setirler döredi:

"Barçalardan tamakindir mysapyr,
Bakmasañ mazluma, sen misli kapyr.
Rahym, aljak bolsañ Tañryñ ýalkawyn,
Garyp-gasarlaryñ ýetir goldawyn.

* * *

Rahymyñ ýene-de bir mesnewi ýazasy geldi. Ýöne şol wagt bir garyp onuñ huzurynda peýda boldy. Ol şygyrdan ünsüni sowdy. Onuñ nazary gelen garypda eglendi. Pukara bende gussaly seslendi:

"Han-hanan! Dadyma ýetişsene. Men onsuz ýaşap biljek däl".

Şeý diýdi-de, ol Han-hananyñ aýagyna ýykyldy. Gözlerinden Gang derýasy deýin ýaş akýardy.
Han-hanan ony köşeşdirdi:

"Dostum, hany biraz rahatlan. Erkek kişä gözýaş etmek aýyp bor. Gaýgy-gamyñ nämedigine menem düşünýän. Belki, saña kömegim ýeter".

Rahymyñ duýgudaşlygyndan köşeşen garyp ýigit ýuwaşja seslendi.
"Agaýy Han-hanan! Men bir gyz bilen gowy görüşýän. Ýöne, tüwmaýak garyp bolamsoñ, gyzyñ kakasy ony maña berenok".
Garybyñ aýdanlaryny üns bilen diñlän Rahym: "Dostum, yşk ýoly garyby, baýy saýgarýan däldir. Men saña 100.000 rupyýa berýän, sen git-de toýuñy toýlaber" diýdi.
Rahym musahabyna 100.000 rupyýany getirip, garyba bermegi buýurdy. Musahab puly getirip, garyba berdi. Garyp Rahyma minnetdarlyk bildirip gitjek bolanda, Han-hanan oña ýüzlendi:
– Bilip goý, öýlenensoñ, täze bir durmuşa gadam goýýnsyñ. Sen öz duýgyñ bilen meniñ ruhumy göterdiñ.

Rahym, öýlenmekdir derdiñ erbedi,
Öýlenmekden sypan tapar şerbedi.
Nagaraça toýda dökerler puly,
Öýlenýän kes bolar takdyryñ guly…

Rahymyñ mesnewilerini eşiden pukara:
"Agaýy Han-hanan! Enşalla, men döwletli maşgala guraryn. Maña ak pata ber" diýdi. Rahym oña ýagşy dilegler etdi. Garyp wagtyhoş bolup, öýüne gaýtdy.
Ol garyp gidenden az salym geçensoñ, Rahymyñ otagynda ýene-de bir adam peýda boldy. Ol Rahyma baş egip:
"Agaýy waly, men bir mysapyr, günümi itekläp bilemok" diýdi.
Rahym bu bende üçin hazynadan pul getirmegi musahabyna buýurdy. Sähel wagtdan soñ, musahab eli boş dolanyp geldi.

"Merhemetli! Şu gün hazynadaky puluñ hemmesi gutarypdyr".

Bu sözleri eşiden garyp gitmekçi bolanda, Rahym ony saklady:

"Hany, saklan. Men seni eli boş goýberip bilmen! Ynha, meniñ gymmatbaha daşlar bilen bezelen galamdanym, şuny al! Mende şundan başga zat galmady".

Almajak bolup kän çytraşsa-da, gelen garyp ahyrym Rahymyñ galamdanyny alyp, çykyp gitdi.

Prem Çandr MAHEŞ.

Edebi makalalar